Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE ÝURDUMYZY DURMUŞ-YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRMÄGE GÖNÜKDIRILEN MAKSATNAMALAÝYN IŞLER AMALA AŞYRYLÝAR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 8-nji iýuly

№ 54 (10496)

ÇARŞENBE



# NETIJELI IŞLERE MÖHÜM ÄHMIÝET BERILÝÄR

**6-njy iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradow welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitde ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş nokatlaryndan ammarlara we elewatorlara daşamak, geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek, bugdaý tohumyny möwsüme taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanylýar. Welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda ýetişdirilen gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak, olary ilata ýetirmek babatda-da degişli çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, meýdanlarda galan galla hasylyny soňky dänesine çenli ýygnap almak, geljek ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmak, gowaça ideg etmek işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaryň çäklerinde welaýatda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda dowam edýän oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýetişdirilen bugdaý hasylyny soňky dänesine çenli ýygnap almak, ýygnalan hasyly elewatorlara, ammarlara daşamak işleri ýerine ýetirilýär. Şeýle hem ýerleri indiki ekiş möwsümine taýýarlamak maksady bilen, galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek, bugdaý tohumyny möwsüme taýýar etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri dowam edýär. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatda ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak we bu önümler bilen içerki bazarlarymyzy üpjün etmek üçin degişli işler ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin işlere ünsi çekdi hem-de daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen hasyly soňky dänesine çenli ýygnap almagyň, gowaça ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilmeginiň zerurdygyny belledi we birnäçe tabşyryklary berdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalara laýyklykda welaýatda alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýewe söz berildi. Ol, ilki bilen, welaýatyň gallaçy babadaýhanlarynyň Watan harmanyna bugdaý hasylyny tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirendikleri baradaky hoş habary aýtdy hem-de öndürijilikli zähmet çekmäge döredilýän şertler üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza welaýatyň ýaşaýjylarynyň adyndan hoşallyk bildirdi.

Soňra häkim welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitde galla oragy tamamlaýjy tapgyrda dowam edip, ýetişdirilen hasyly soňky dänesine çenli ýitgisiz ýygnap almak üçin zerur çäreler görülýär. Geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmaga taýýarlyk görmek maksady bilen, galla oragyndan boşan meýdanlarda sürüm işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri utgaşykly alnyp barylýar. Welaýatda ýazlyk ýeralmanyň, gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak, bu önümler bilen içerki bazarlarymyzy üpjün etmek boýunça degişli işler geçirilýär. Şaly ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, welaýatyň zähmetsöýer gallaçylarynyň şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirendiklerini belledi hem-de gallaçylary bu zähmet üstünligi bilen gutlap, mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi. Döwlet Baştutanymyz bugdaý meýdanlarynda galan hasyly soňky dänesine çenli ýygnap almagyň, geljek ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmak, gowaça ideg etmek işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi hem-de häkime degişli görkezmeleri berdi.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Hasabatda aýdylyşy ýaly, sebitde ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş nokatlaryndan elewatorlara, ammarlara daşamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmak maksady bilen, galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek, bugdaý tohumyny taýýarlamak işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Ilatymyzy ýurdumyzda öndürilýän azyk önümleri bilen bolelin üpjün etmek babatda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, welaýatda gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda ideg etmek işleri bilen bir hatarda, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak, sowadyjy ammarlarda saklamak, ilata ýetirmek boýunça-da zerur çäreler görülýär. Welaýatyň şaly ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we welaýatda bu ugurda alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitde ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş nokatlaryndan elewatorlara we ammarlara daşamak, galla oragyndan boşan meýdanlary sürmek, geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý tohumyny taýýarlamak işleri alnyp barylýar. Gowaça ekilen meýdanlarda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Ekerançylyk meýdanlarynda gök-bakja ekinleriniň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak, bu önümleri ilata ýetirmek boýunça degişli işler geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, welaýatda gant şugundyrynyň ekişi dowam edip, ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalygynda jogapkärli möwsümiň dowam edýändigini belledi we welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan agrotehniki çäreleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu günler oba hojalyk işleriniň çäklerinde ýygnalan bugdaý hasylyny galla kabul ediş kärhanalaryndan ammarlara, elewatorlara daşamak hem-de talabalaýyk saklamak boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişine taýýarlyk görmek maksady bilen, galla oragyndan boşan meýdanlarda sürüm, tekizleýiş işleri geçirilýär. Ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny, önüm öndürijiler üçin ýokary hilli bugdaý tohumyny möwsüme taýýar etmek ugrunda zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragynyň tamamlaýjy tapgyrda dowam edýändigini aýtdy hem-de ýetişdirilen bugdaý hasylyny soňky dänesine çenli ýitgisiz ýygnap almak, geljek ýylyň bugdaý hasylynyň düýbüni tutmak, gowaça ideg etmek boýunça alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de öňde durýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin toplumlaýyn çemeleşmäniň zerurdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

**Häzirki ajaýyp döwrümiz bagtyýarlygyň, ösüşiň, belent özgertmeleriň eýýamydyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ösüşlere beslenýändigi, belent maksatlaryň rowaçlanýandygy bellenmäge mynasypdyr. Halkymyzyň häzirki döwürde tutýan ýolunyň many-mazmuny milli ýörelgelerimiz bilen berk baglanyşyklydyr. Halkymyzyň milli ýörelgesi bolsa Watany söýmek, il-güne hyzmat etmek, agzybirlikde ýaşamak ýaly asylly maksatlardan ybarat bolup durýar.**

# EZIZ WATAN ÖSÜŞLERE BESLENÝÄR

Eziz Watana bolan söýgi her bir raýaty döredijilikli işlemäge ruhlandyrýar. Bu bolsa jemgyýetimiziň ösüşini hemmetaraplaýyn üpjün etmekde döwrebap işleri alyp barmak, her bir maşgalanyň abadan durmuşy bilen birlikde, umumadamzat jemgyýetiniň geljekki ösüşi üçin möhüm meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmakdan ybaratdyr. Her bir jemgyýetiň geljege tarap hereketiniň öz aýratynlygy bar. Ýurdumyzda ösüşiň netijeli ýoly saýlanyp alyndy hem-de gurmak we döretmek, Watany ösdürmek baş maksada öwrüldi. Şu günki üstünlikler geljegiň röwşen ýoludyr. Bu hem halkymyzyň geljege bolan ynamyny berkidýär, döredijilikli işlemäge, üstünlik gazanmaga ruhlandyrýar. Çünki adamlar geljekden şu günki gazanylan üstünlikleriň has belent derejesine garaşýarlar. Hut şonuň üçin hem ata-babalarymyzdan miras galan ýörelgeleri halkymyz jemgyýetiň we döwletiň ösüşiniň esasy aýratynlygy hökmünde saýlap aldy hem-de bu asylly däbe yzygiderli eýerýär.

Ata-babalarymyzdan miras galan asylly däpleriň biri hem bedewleriň şan-şöhratyny belende götermek, bedew batly ösüşlere buýsanmak bolup durýar.

2

# ÜSTÜNLIGIŇ AÝDYŇ BEÝANY

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyz ösýär, özgerýär, mähriban halkymyz bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän beýik işleri häzirki ösüşlerimizi, röwşen geljegimizi üpjün edýär. Hut şonuň netijesinde hem biziň her bir günümiz şanly wakalara, ösüşlere beslenýär.**

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly toý-baýramlara, şanly wakalara örän baýdyr. Şu şanly ýylymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy bellenilýär. Bu baýramçylyga toý sowgady bilen barmak asylly ýörelgä öwrüldi. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda netijeli özgertmeleriň, tutumly işleriň durmuşa ornaşdyrylandygyny bellemek gerek. Munuň özi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda aýratyn manymazmuna eýedir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň halkymyzy eşretli, bolelin durmuşda ýaşatmak baradaky ýadawsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, sebitlerinde beýik binalar, medeni-durmuş maksatly desgalar gurlup ulanmaga berilýär.

2







# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ EYR-nyň TELERADIOGEPLEŞIKLER BARADAKY GURAMASYNA BEREN INTERWÝUSY

*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäklerinde, eýran tarapynyň haýyşy boýunça, EYR-nyň Teleradiogepleşikler baradaky guramasynyň (IRIB) žurnalisti Seýýed Mohsen Hoseýniniň sowallaryna jogap berdi. Munuň özi häzirki wagtda hoşniýetli goňşuçylyk we özara hormat goýmak ýörelgelerine, iki halkyň medeni-ruhy gymmatlyklarynyň umumylygyna esaslanýan türkmen-eýran gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändiginiň nobatdaky güwäsidir.*

***— Hormatly türkmen halkynyň Milli Lideri, Sizi eýran topragynda hoş gördük! Şeýle agyr günde eýran halkyna goldaw bermegiňiz we duýgudaşlyk bildirmegiňiz halkymyz we döwletimiz üçin uly ähmiýete eýedir. Eýran tarapy munuň üçin Sizden hoşaldyr. Eýran we Türkmenistan goňşy hem-de doganlyk ýurtlardyr. Söhbedimiziň başynda Siziň Eýran Yslam Respublikasynyň merhum ruhy Lideri bilen geçiren gepleşikleriňiz we olaryň ähmiýeti dogrusynda gürrüň beräýseňiz!***

— Köp sag boluň! Türkmen halky asyrlaryň dowamynda dost-doganlyk gatnaşyklara uly hormat goýup gelen halkdyr. Türkmenistan bilen Eýran hoşniýetli, birek-birege hormat goýmak gatnaşyklaryny saklap gelen doganlyk goňşy ýurtlardyr.

Siziň hem aýdyşyňyz ýaly, merhum Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi diňe bir öz ýurdunda däl, eýsem, başga ýurtlarda-da beýik şahsyýet hökmünde ykrar edilendir. Meniň Aýatolla Hameneýi bilen ilkinji duşuşygym 1998-nji ýylyň ýaz aýynda bolupdy. Şonda biz doganlyk ýurda sapar bilen gelipdik. Şol wagt men Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri bolup işleýärdim. Onuň bilen ilkinji duşuşygymyz mende uly täsir galdyrypdy. Şol döwürden bäri 28 ýyl geçipdir. 2001-nji ýylda men Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň bilim, ylym, saglygy goraýyş, medeniýet meseleleri boýunça orunbasary boldum. 2007-nji ýyldan başlap, 15 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň döwlet Baştutany hökmünde halkyma we Watanyma gulluk etdim. 2022-nji ýylda bolsa halkymyz meni türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hökmünde saýlady. Maňa ähli döwlet wezipelerinde-de Eýranyň ruhy Lideri bilen duşuşmak miýesser etdi.

Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýi bilen her gezek duşuşanymyzda, ol öz sypaýylygy, bilimliligi, paýhasy, zehini bilen köp ündewlerini bererdi. Türkmen we eýran halklarynda «Ula hormat, kiçä sylag» diýen pähim bar. Şonuň üçin ol syýasat, söwda-ykdysady gatnaşyklar, halklary has ýakynlaşdyrýan medeni-ynsanperwer meseleler babatda öz pikirlerini paýlaşardy. Öňden gelýän berk gatnaşyklary saklaýan iki halkyň bähbidine geçirilen şol duşuşyklar öz uly netijelerini-de bererdi. Ruhy Lider bilen tanyşlygymyz, gatnaşyklarymyz ençeme ýyllaryň dowamynda ýurtlarymyza diňe bähbit getirdi.

***— Siz ruhy Lider bilen bagly ýatlamalaryňyz barada gürrüň berdiňiz. Şolaryň arasyndan has ýatda galan, täsirli pursatlar hakynda aýratyn durup geçip bilersiňizmi?***

— Ähli özara geçiren duşuşyklarymyz täsirli geçdi. Ýöne ruhy Lider her gezek duşuşanymyzda, «Kyýamat güni goňşudan» diýen pähimden ugur alyp, şeýle diýerdi: «Siz bize diňe bir goňşy däl, biz süňk garyndaşdyrys».

Meniň pikirimçe, ähli duşuşyklar wajyp, esasan, syýasat barada aýdanymyzda, umuman, diňe bir iki ýurduň däl, sebitiň hem dünýäniň abadançylygy, parahatçylygy barada ruhy Lider bilen köp söhbet ederdik. Bilşiňiz ýaly, Türkmenistan dünýäde BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen ýeke-täk Bitarap ýurtdur. Şol sebäpli parahatçylyk, durnukly ösüş boýunça köp pikir alşardyk. Söwda-ykdysady gatnaşyklar babatda ol öz kän nesihatlaryny bererdi. Türkmen we eýran halklarynda, umuman, musulmançylykda, adam eger-de öz durmuşyny netijeli geçirjek bolsa, ol hökmany suratda ýol çekmeli, köpri gurmaly. Bu barada aýdylanda, Türkmenistan we Eýran şu ýyllaryň içinde bilelikde birnäçe awtomobil, demir ýollary, köprüleri gurdular. Ruhy Lider: «Ýollaryň hikmeti halklaryň biri-biri bilen gatnaşyk saklamagynda jemlenendir» diýerdi. Meniň pikirimçe, bu täsirli pursatlaryň biri diýip pikir edýärin.

Siziň bilen geçirýän şu söhbetdeşligimiziň dowamynda bir uly şahsyýetiň geçen ýoly barada aýtmak azlyk eder. Halk hem-de onuň bähbidi üçin edilen işler örän kändir. Köpri gurmak, ýol çekmek dost-doganlygy berkidýär. Ruhy Lider bilen söwda-ykdysady gatnaşyklardaky asyrlara barabar işler, medeni, taryhy köklerimiz barada hem köp pikir alşardyk. Taryhymyza ser salyp, geljekki ýaşlara edep-ekram bermek meselesini-de ara alyp maslahatlaşýardyk. Şonuň üçin hem biz Eýranyň alymlary, şahyrlary, ýazyjylary bilen gatnaşyk saklaýarys. Türkmenistanda golýazmalar instituty bar. Şoňa görä, biz geçmiş mirasymyzy öwrenmek barada-da gürrüň ederdik. Bu biziň üçin örän wajyp. Siziň bilşiňiz ýaly, häzirki wagtda Eýranyň Gülüstan welaýatynda 3 milliondan gowrak türkmen ýaşaýar. Şunuň bilen baglylykda, ruhy Lider bilen türkmen we eýran halklarynyň arasynda dost-doganlygy berkitmek hakynda kän pikir alşardyk.

Eýran topragynda biziň ady dünýä belli, akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň gubury ýerleşýär. Bu bolsa biziň halkymyza Eýrana zyýarat etmäge uly mümkinçilik döredýär. Şoňa görä, biz bilelikde onuň hatyrasyny saklaýarys we şygyrlaryna gadyr goýýarys.

Belläp geçişim ýaly, 15 ýyl döwlete baştutanlyk eden döwrümde meniň ýolbaşçylygymda ençeme gaz we elektrik geçirijiler, demir we awtomobil ýollar gurlupdy. Bilelikdäki işleri amala aşyrýan wagtlarymyzda haryt dolanyşygy ýylyň dowamynda 5 milliard dollardan hem geçendir. Haryt dolanyşygy her ýyl göterim hasaby bilen 115, 150 göterimden aşak düşmezdi. Eýran beýleki döwletler bilen hem serhetleşýändir, ýöne iň uzyn serhedi biziň ýurdumyz bilendir. Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky serhediň uzynlygy 1 müň 500 kilometrden geçýär. Ruhy Lider: «Biziň serhedimiz dost-doganlyk serhedidir» diýerdi hemişe. Şonuň üçin hem ol beýik şahsyýetdi.

***— Türkmenistanda türkmen halky tarapyndan ruhy Liderimize uly hormat goýulmagy we ýatlanylmagy biziň üçin uly mertebedir.***

— Türkmen halky ruhy Lidere hemişe-de örän uly hormat goýýardy. Onuň berýän öwüt-nesihatlary biziň üçin wajypdy. Biz duşuşyklarymyzda perzentden, ýagny gundagdaky çagadan başlap, gojalyga çenli ähli durmuş soraglaryna degip geçýärdik. Elbetde, şol bir wagtda, din baradaky soraglara-da seredərdik. Bilşiňiz ýaly, Türkmenistan dünýewi, demokratik ýurt bolup durýar. Şol sanda biz dinimize, umuman, aňyrdan gelýän türkmençilik ýolumyza, musulmançylyga hem uly sarpa goýýarys. Bu meselede ruhy Lideriň beren nesihatlary ýaşlaryň arasynda has-da ähmiýetli. Mysal üçin, Eýranyň Türkmenistandaky ilçihanasy oba hojalyk uniwersitetiniň ýanynda ýerleşýär. Ruhy Lider: «Maňa ilçihananyň işgärleri siziň talyplaryňyzyň edepli-ekramly oglan-gyzlardygyny, başy tahýaly, gyzlaryň iki örüm saçlydygyny aýdýarlar. Bu siziň aňyrdan gelýän däp-dessuryňyzyň, tutan ýoluňyzyň netijesi» diýip baha bererdi. Elbetde, ýaşlara terbiýe bermekde milli medeniýetiň hem, musulmançylygyň hem uly orny bar.

Soňky duşuşygymyzda ruhy Lider: «Dogan, Sen metjit gurýaňmy, şeýle hem medrese-de gurýaňmy?» diýip sorag berip, «Metjit — Allanyň öýi, ýöne medrese gurmak has hem uly zat» diýip nygtapdy. Şeýle hem ol medrese gurmagyň ruhy pirlige barmakda sogaply işdigini aýratyn belledi. Şol gürrüňdeşlikde ol: «Dogan, men iş sebäpli öýden çykýan adam däl. Ýöne metjidiňizi gurup gutaranyňyzdan soň, men hökman şoňa barasym gelýär» diýipdi. Bularyň ählisi ruhy Lideriň çuňňur düşünjeli, giň dünýägaraýyşly şahsyýet bolandygyna güwä geçýär. Sebäbi syýasaty, ykdysadyýeti, ynsanperwerligi, medeniýeti, dini utgaşdyrmak gaty kyn zat. «Ula hormat, kiçä sylag» diýlişi ýaly, her sapar ruhy Lider bilen duşuşygym mende üýtgeşik täsirleri galdyrardy. Hut şonuň üçinem türkmen halkynyň oňa sarpasy uly.

***— Şu ýerde Siziň ruhy Liderimiz bilen geçiren duşuşyklaryňyzyň birinde düşen suratyňyz bar. Şu surata seredip, nähili duýgulary başdan geçirýärsiňiz?***

— Ýalňyşmasam, bu surat biziň iň soňky duşuşygymyzdan. Şonda gatnaşyklarymyz, dost-doganlygymyz diýsemem, örän netijeli bolandygy üçin mende begenç duýgusyny döredipdi. Ýöne Hudaý her birimize ýaş kysmatyny berýär. Biz Eýranyň ruhy Lideriniň ýatan ýeriniň ýagty, jaýynyň jennet bolmagyny, ruhunyň şat bolmagyny her sapar doga-dileg ederis.

***— Bilşiňiz ýaly, soňky döwürde dünýäde birnäçe çylşyrymly ýagdaýlar döreýär. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin bolsa möhüm çözgütler zerur bolup durýar. Bu babatda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Siziň we türkmen halkynyň garaýyşlary nähili?***

— Ýokarda-da aýdyşym ýaly, «Kyýamat güni goňşudan». Şonuň üçin bu babatda anyk aýtsak, bu kyn ýagdaýlarda biz serhetlerimizi açyk sakladyk, ynsanperwerlik kömegini iberdik. Biz bu babatda çetde durmadyk. Biz «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýarys. Deňagramlylyk, deňhukuklylyk, abadançylyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine eýerýän Türkmenistan üç gezek ykrar edilen Bitarap ýurt bolup durýar. Şonuň üçin siziň döwlet Baştutanyňyzam, halkyňyzam biziň şu günki alyp barýan adyl, parahatçylykly syýasatymyzy, elbetde, gowy bilýändir. Bu beren sowalyňyzyň jogabyny jemlemek bilen, men bir zady bellemek isleýärin: entek urşuň utan ýeri ýok. Sebäbi atylan ok hiç zady saýgarmaýar, sen çagamy ýa-da esgermi, parhy ýok. Şonuň üçin türkmen halky hem syýasy tarapdan hemme ýerde biziň öz garaýyşlarymyzy beýan edýär.

***— Mundan beýläk Eýran Yslam Respublikasynyň ruhy Lideri, şehit Aýatolla Seýed Ali Hoseýni Hameneýiniň ady tutulanda, Siz näme diýersiňiz?***

— Muny bir jümle bilen aýdaýmaly: mundan beýläk dowamat bar.

***— Hormatly Milli Lider, şeýle kyn günde halkymyza duýgudaşlyk bildirip, gynanjyňyzy paýlaşandygyňyz hem-de sowallarymyza beren jogaplaryňyz üçin Size sagbolsun aýdýarys.***

— Sag boluň!

# EZIZ WATAN ÖSÜŞLERE BESLENÝÄR

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda milli gymmatlyklarymyz dünýä ýaýylýar. Taryhyň dürli döwürlerinde, durmuşyň dürli pursatlarynda bedewler türkmeniň buýsanjy bolupdyr. Türkmen halkymyz ösüşleri we üstünlikleri bedewler bilen berk baglanyşdyrypdyr. Şeýle asylly ýörelgelere eýermek hemişe gowy netije beripdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ykdysady taýdan ösdürmegiň toplumlaýyn maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň esasy wezipeleri hem halkymyzyň agzybirliginden, watansöýüjiliginden gözbaş alýar. Çünki asylly ýörelgelerimiz häzirki ajaýyp döwrümizde hem mynasyp ösdürilýär, milli ösüşimizi kesgitleýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda ösüşiniň maksatnamalaýyn wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik işleriniň möhüm aýratynlygy halky ösüşleriň ýoly bilen öňe alyp barmakdan, Watanymyzy has-da özgertmekden ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Biziň esasy maksadymyz eziz Watanymyzy beýik geljege tarap ynamly öňe alyp barmakdan ybaratdyr». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, halkymyzy agzybirlikde beýik maksatlaryň daşynda jebisleşdirmek, röwşen geljegimizi aýdyň maksatlar bilen gurmak döwrüň asylly ýörelgesidir. Ýurdumyzda döwlete bolan ynamy berkitmek üstünlikleriň, beýik işleriň üsti bilen amala aşyrylýar, şol bir wagtda-da ösüşler gazanylýar.

Jemgyýeti jebisleşdirýän, döredijilikli, işjeň we özgerdiji işlere ruhlandyrýan güýç Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik başlangyçlaryna buýsançdyr, watansöýüjilikdir, ajaýyp döwrümiziň asylly ýörelgesidir. Bularyň ählisi döwletimizde agzybirligiň, parahatçylygyň we durnuklylygyň pugtalandyrylmagy boýunça işleriň sazlaşykly alnyp barylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Berkarar Watanymyzda beýik işleri durmuşa geçirmek, döredijilikli zähmet çekmek, ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemek ýaly halkymyza mahsus bolan asylly däp-dessurlar berkidilýär. Beýik döwrümize mahsus işleri durmuşa geçirmekde, döwrebap ösüşleri giňden wagyz etmekde yhlasymyzy gaýgyrmarys. Çünki eziz Watanymyzyň ösüşleri hemmämizi guwandyrýar.

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**




# ÜSTÜNLIGIŇ AÝDYŇ BEÝANY

Mälim bolşy ýaly, uly maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylmagy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş, medeni hal-ýagdaýyna oňaýly täsirini ýetirýär. Hut şu nukdaýnazardan, eziz Watanymyz düýpli özgerişlere, ösüşlere beslendi. Şeýlelikde, döwletiň ykdysady kuwwatynyň sazlaşykly ösüşini pugtalandyrmaga gönükdirilen ähli pudaklar boýunça anyk meýilnamalaryň işlenilip düzülmegi ahyrky ýagdaýda kesgitli netijäni berdi. Munuň özi berkarar Watanymyzy ösüşiň köp ugurlary boýunça öňdäki orunlara çykarmaga mümkinçilik berdi.

Ýurdumyzyň barha we barha rowaçlanýan ykdysady kuwwatynyň artmagy medeni ulgamyň, saglygy goraýşyň we bilimdir ylym edaralarynyň ösdürilmegine, kämilleşdirilmegine özüniň has oňaýly täsirini ýetirdi. Ýurdumyzyň beýik ösüşi hem Garaşsyzlygyň gazananlarynyň ylmy taýdan esaslandyrylyp, netijeli ulanylýandygynda, döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli artdyrylýanlygynda, halkymyzyň medeni hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň, şonuň ýaly-da, bilim, ylym, sport, saglygy goraýyş, syýahatçylyk we beýleki möhüm ulgamlaryň dünýä ülňülerine laýyk ösdürilýänliginde äşgär ýüze çykdy.

Ýurduň binýadynyň ylym we bilimden esaslandyrylmagy onuň kämil döwletdigindən nyşandyr. Ýurtda ylmy we bilimi ösdürmek işi ýokary derejede alnyp barylýar. Eziz Watanymyzyň gül goýnunda erkana ýaşap, tälim-terbiýe alýan ýaşlarymyzyň bilim we ylym, hünär taýýarlygynyň dünýä ülňülerine laýyk, ýokary derejede guralmagy üçin ähli mümkinçilikler döredildi. Häzirki döwürde ylym-bilim ulgamyny öňdebaryjy döwletleriň hataryna ýetirmek üçin dünýäniň ençeme döwletleriniň arasynda halkara hyzmatdaşlygynyň oňat ýola goýulmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Munuň özi ýurdumyzyň ýörite orta we ýokary okuw mekdepleriniň öz ugurlary boýunça şol döwletleriň ýokary okuw mekdepleri bilen bähbitli gatnaşyk etmeklerine, mugallymlardyr talyplaryň okuw-terbiýeçilik, ylmy-barlag işlerinde tejribe alyşmaklaryna uly mümkinçilik döredýär.

Türkmenistan döwletimiz maksada okgunlylyk bilen abadançylygyň we gülläp ösüşiň, rowaçlygyň täze belentliklerine tarap öňe barýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gurulýan desgalaryň, bilim, ylym, medeni, saglygy goraýyş ymaratlarynyň, otaglary has giňeldilen, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, durmuş ähmiýetli desgalaryň, döwrebap ýollaryň, mahlasy, jemgyýetiň ähli ugurlary boýunça netijeli özgertmeleriň iňňän uly taryhy ähmiýetiniň bardygyny ýene-de bir ýola nygtasymyz gelýär.

Hawa, ýurdumyzda gazanylan we gazanylýan ajaýyp üstünlikler ildeşlerimizi zähmetde belent sepgitlere ruhlandyrýar. Beýik döwrümiziň üstünliklerine buýsanyp, döredijilikli zähmet çekmek, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuna üstünlikler bilen barmak baky bagtyýarlykdyr.

**Ogulniýaz ANNATAGANOWA,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.**

# BELENT MAKSATLAR ROWAÇLANÝAR

**Eziz Diýarymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda bedew batly ösüşlere beslenýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilen şanly ýylda ýurdumyzyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynda bolup geçýän uly özgertmeler, taryhy wakalar mähriban halkymyzy buýsandyrýar.**




Gahryman Arkadagymyzyň oňyn başlangyçlary we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly syýasaty netijesinde ýurdumyz Ýer ýüzünde parahatçylygyň we durnukly ösüşiň dabaralanýan merkezi hökmünde ykrar edilýär. Döwletimiziň alyp barýan ynsanperwer we parahatçylyk söýüjilikli syýasaty halkara jemgyýetçiligi tarapyndan doly goldanylyp, Watanymyzyň abraýyny has-da belent derejelere göterýär. Şanly ýylymyzyň her bir güni zähmet üstünliklerine, döwletli tutumlara we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen taryhy maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine beslenýär.

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzda ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda, aýratyn-da, senagat, gurluşyk we sanly ulgamlarda düýpli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Aşgabat, Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda we welaýat merkezlerinde gurlup ulanmaga berilýän döwrebap binalar, medeni-durmuş maksatly desgalar Garaşsyz Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle beýik işler «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde has-da dabaralanýar. Halkymyzyň asuda, abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin amala aşyrylýan beýik işler her birimiziň kalbymyzda buýsanç duýgusyny döredýär.

Bedew batly ösüşlere beslenýän eziz Diýarymyzda merdana halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramçylygyna uly taýýarlyk hem-de zähmet üstünlikleri bilen barýar. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dörediýän döwrebap şertleriniň, giň mümkinçilikleriniň aýdyň subutnamasydyr. Eziz Watanymyzy ösüşleriň täze belentliklerine sary ynamly öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Näzbibi KUBAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň baş hünärmeni.**



# MUGALLYMÇYLYK MEKDEBI KÄMILLIGIŇ ÝOLUNDA

**Hytaýda dilçi mugallymlar üçin halkara hünär kämillik okuwlary guralýar. Munuň özi hytaý dili boýunça Merkezi Aziýanyň bilim wekillerini bir ýere jemledi. Bu özara tejribe alyşmasy diňe bir hünär derejesini ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, täze asyryň bilim standartlaryny kesgitlemekde uly ädimdir. Hytaýyň döwrebap tejribesiniň görkezişi ýaly, mugallymçylyk bilimini kämilleşdirmek diňe bir köne usullary gaýtalamak bolman, eýsem, sanly ulgam tehnologiýalary we usulyýet (interaktiw tagtalar, ýörite dil platformalary) arkaly okatmagy ornaşdyrmakdyr. Mugallym hemişe öwrenmeli hünärmendir. Ol ömürboýy okaýan hem öwrenýän ynsandyr.**

**DIL KÄMILLIGI WE HALKARA HYZMATDAŞLYK**

Ata-babalarymyzyň ylym-bilim baradaky gymmatly nesihatlary ynsanyň jahanyň haýsy künjeginde we haýsy döwürde bolanda-da kämilleşmäge bolan ymtylyşy ündeýär. Häzirki wagtda bolsa çalt ösýän dünýä her bir hünärmenden döwür bilen aýakdaş gitmegi talap edýär. Mugallymçylyk bilimini kämilleşdirmek, hünär derejesini ýokarlandyrmak, esasan hem, dilçilik ugrundaky hünärmenleriň işjeňligine örän uly we oňyn täsir edýär. Halkara hyzmatdaşlygyny işjeň saklamakda öz kärini kämil bilýän, döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmenleri ýetişdirmek uly ähmiýete eýedir. Häzirki ýaş mugallymlaryň öňünde duran baş maksat — bu üznüksiz kämillige ymtylmakdyr. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň guramaçylykly goldamagyna ýaş hünärmenlerimiz Hytaýa guralan bu sapary ýurdumyzyň bilim ulgamynda gazanýan täze sepgitleriniň aýdyň şöhlelenmesi boldy.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyjy bilen ýola goýlan bilim özgertmeleri, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli ösdürilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýaşlar, ylym we bilim baradaky beýik işleri munuň aýdyň beýanydyr. Yurdumyzda alnyp barylýan bu öňdebaryjy syýasatyň janly şaýatlary bolmak bagty nesip edýän ýaş hünärmenleriň sany gün-günden artýar. Hünär kämilligini hemişe ýokarda saklamak maksady bilen, ýaşlarymyz daşary ýurtlaryň iň abraýly bilim ojaklaryna yzygiderli ugradylýar. Bu ugurda dostlukly Hytaý döwletine ýylyň-ýylyna guralýan sapar aýratyn orna eýedir. Şu gezekki türkmen wekiliýetiniň Merkezi Aziýa ýurtlaryny bir ýerde jemlän Pekiniň okuw maslahatyna gatnaşmagy bu aýdylanlara anyk şaýatlyk edýär.

Şeýle işjeň halkara gatnaşyklaryň nobatdaky aýdyň mysaly hökmünde şu ýylyň 16-njy iýunyndan 6-njy iýuly aralygynda Hytaý Halk Respublikasynyň abraýly Pekin hytaý dili we medeniýeti uniwersitetinde «Merkezi Aziýa ýurtlary üçin hytaý dilini öwretmek» boýunça ýokary derejeli okuw maslahatyny guralandygyny bellemek bolar. Bu sebitara çäre Merkezi Aziýanyň doganlyk döwletlerinden — Türkmenistandan, Gazagystandan, Özbegistandan we Täjigistandan gelen dilçi kärdeşleri we abraýly alymlary bir ýere jemledi.

**TEJRIBELI MUGALLYMLARYŇ SAPAK OKATMAK USULLARY**

Her bir bilim ojagynyň berekedi we gadyr-gymmaty onuň mugallymlaryndadyr. Kollej daşary ýurtly talyplar bilen işlemegiň uly tejribesini toplan tejribeli mugallymlar düzümine tüýs ýürekden buýsanýar. Işinde tutanýerli zähmet çekýän mugallymlaryň ylmy we halkara görkezijileri dünýäniň iň öňdebaryjy uniwersitetleri bilen bäsleşip biljek derejededir, ýagny ylmy dereje boýunça mugallymlaryň 90 göterimi magistr derejesini ýa-da has ýokary (ylymlaryň kandidaty, professor) ylmy derejäni eýeleýärler. Halkara tejribe: professor-mugallymlaryň takmynan 20 göterimi daşary ýurtlaryň bilim ojaklarynda azyndan bir ýyl işlemek boýunça uly tejribä eýedir.

Şol sanda mugallymlaryň agramly bölegi dünýä belli abraýly uniwersitetleriň uçurymlary ýa-da halkara ylymlar dünýäsiniň iň görnükli alymlarynyň şägirtleri bolup durýarlar. Şonuň üçin hem olar hytaý dilini halkara derejesinde dünýä halklaryna öwretmekde hemişe iň ýokary ylmy üstünlikleri gazanýarlar. Okuw maslahatynyň çäklerinde sapak berýän hytaýly 30-a golaý professor-mugallymlaryň her bir akademiki sagady maglumat bermek däl, eýsem, janly pedagogikanyň nusgalyk mekdebidir. Olaryň sapak geçiş aýratynlyklary we tejribeleri ýaş hünärmenlerimizde uly täsir galdyrdy.

Mugallymlar, esasan, nazaryýeti, amalyýeti we grammatikany, iýeroglifleri ýat tutmagyň aýratynlygyny interaktiw we sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly sapak geçýärler. Sapaklarda biz diňe diňleýji bolman, taslamalaryň we dialoglaryň işjeň gatnaşyjysyna öwrüldik. Aýratyn talaplara çuňňur düşünmekde tejribeli mugallymlar daşary ýurtly diňleýjileriň dil öwrenmekde duş gelip biljek psihologik bökdençlikleri we milli aýratynlyklaryny öňünden bilip, her birimize özboluşly çemeleşdiler. Sapaklar ýokary ruhubelentlikde geçildi. Mugallymlar her sapagy hytaý medeniýetiniň, däp-dessurlarynyň we taryhynyň täsirli pursatlary bilen baýlaşdyrdylar. Bu bolsa diňleýjileriň dili has çuň we ruhy taýdan kabul etmegine ýardam etdi.

Okuw maslahatynyň çäklerinde sapak berýän hytaýly professor-mugallymlaryň her bir akademiki sagady diňe maglumat bermek däl, eýsem, uly durmuş we halkara tejribesini paýlaşýan janly mekdep boldy.

**Mähriban GELENOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy.**

# SAGDYNLYGYŇ WE ŞADYÝANLYGYŇ MEKANY







**«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gözel tebigaty bilen sazlaşýan «Daýanç» sagaldyş merkezi ýaş nesilleriň tomusky dynç alyş möwsümini iň ýokary derejede geçirmegi üçin döredilen ajaýyp künjekdir. Bu merkez diňe bir dynç alyş däl, eýsem, çagalaryň bedenini berkidýän, ruhuny baýlaşdyrýan we geljekki ömür ýoluna berk binýat goýýan sagdyn durmuş mekdebine öwrüldi.**

Merkeziň üstünlikli işlemeginiň esasy girewi bu ýerde ýola goýlan tertip-düzgündir. Häzirki wagtda «Daýanç» sagaldyş merkezinde tomusky dynç alyş möwsüminiň 3-nji tapgyry dowam edýär. Merkezde 280 çaganyň gündelik durmuşy, dynç alyş tertibi we sagaldyş çäreleri örän oýlanyşykly guralýar. Uly mugallym Hatyja Tagyýewa özüniň baý pedagogik tejribesi bilen merkezde işleýän mugallymlar we terbiýeçiler toparyna dogry ugur görkezip, her bir çaganyň özüni bagtyýar duýmagy üçin ähli tagallalary edýär.

«Daýanç» sagaldyş merkezinde 10 sany topar hereket edip, olar çagalaryň özara agzybirligini, dostlugyny we birek-birege hormat goýmak ýaly ýokary adamkärçilik häsiýetlerini kemala getirýär. Toparlaryň atlarynyň özleri hem çagalara ruhy güýç we buýsanç berýär: «Agzybir», «Türkmenistan», «Bürgütler», «Bagtyýarlyk», «Şagadam», «Merjenler», «Ýyldyzlar», «Güneş», «Güller» we «Uçgunlar».

Bu toparlarda zähmet çekýän tejribeli terbiýeçileriň 10-sy çagalaryň zehinini ýüze çykarmak, döredijilik dünýäsini ösdürmek we özbaşdak pikirlenmegi öwretmek üçin yzygiderli iş alyp barýarlar. Şeýle hem bu işe uly höwes bilen goşulan zehinli talyplaryň 12-si okuw tejribeligini tejribeli mugallymlar bilen utgaşdyryp, çagalar üçin gyzykly oýunlary, bäsleşikleri we medeni-köpçülik çärelerini guramaçylykly alyp barýarlar.

Merkez çagalaryň beden taýdan berkemegi üçin ähli şertler bilen üpjün edilendir. Bedenterbiýe we ýüzmek boýunça ökde hünärmenler çagalar bilen sport maşklaryny we ýüzüş sapaklaryny guraýarlar. Bu maşklar çagalaryň çalasynlygyny artdyrmakda we saglygyny berkitmekde uly ähmiýete eýedir. Şeýle hem howuzlarda we kenarýaka zolakda çagalaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, hünärli halas edijiler gije-gündiz gözegçilik edýärler.

Çagalaryň sungata we döredijilige bolan höwesini artdyrmak üçin gurnak ýolbaşçysy Abadan Baýramgeldiýewa çagalara el işleriniň, çeper döredijiligiň we medeniýetiň inçe syrlaryny öwredýär. Bu gurnaklar çagalaryň dünýägaraýşyny giňeldip, olaryň zehinlerini has-da ösdürýär.

Sagaldyş merkezinde lukmançylyk gözegçiligi hem ýokary derejede ýola goýlandyr. Merkezde zähmet çekýän hünärli lukman we şepagat uýalarynyň 4-si çagalaryň saglyk ýagdaýyny yzygiderli gözegçilikde saklaýarlar. Sagdyn iýmitlenişden başlap, dynç alyş tertibine çenli ähli ugurlarda lukmançylyk gözegçiligi üpjün edilip, çagalaryň sagdyn we howpsuz dynç almagy üçin ähli şertler döredilendir.

«Daýanç» sagaldyş merkezi — bu çagalaryň şadyýan sesleriniň ýaňlanýan mekanydyr. Bu ýerde geçirilen her bir gün çagalaryň ýadynda ömürlik ýakymly pursat bolup galar. Merkeziň ähli işgärleri — terbiýeçiler, mugallymlar, lukmanlar we beýleki hünärmenler çagalaryň tomus paslyny bagtyýar geçirmegi ugrunda öz zähmetlerini gaýgyrmaýarlar. «Daýanç» — çagalygyň iň gözel we ýatda galyjy künjekleriniň biridir.

**Handurdy HANDURDYÝEW,**
**Bereket etrabyndaky 4-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Şadyýan tomus

# ÇAGALAR SAPALY DYNÇ ALÝARLAR

Güneşe baý tomus paslynda bagtyýar çagalaryň şatlykly owazlary ýurdumyzyň tutuş giňişligine gaýtalanmajak şadyýanlyk çaýýar. Awazadaky, gözel Gökdere jülgesindäki hem-de ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndaky çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezleri çagalary gujak açyp garşylaýarlar. Bagtyýarlygyň bar ýerinde çagalaryň şatlyk-şowhuny has belentden ýaňlanýar. Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde mähir, söýgi bilen gurşalýan ýaş nesiller oňaýly şertler döredilen çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde dynç alyp, çagalyk dünýäsiniň iň ajaýyp pursatlaryny başdan geçirýärler.







Lebap welaýatynda hem çagalaryň tomusky dynç alyş möwsüminiň ikinji tapgyry dowam edýär. Tomusky dynç alşa çykan mekdep okuwçylary «Bagtyýarlyk» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde wagtlaryny şadyýanlykda geçirýärler. Amyderýanyň kenaryndaky bu merkez bir tapgyrda 300 çagany kabul edýär.

Asmanda şadyýan guşlaryň saýramagy, töweregi gurşap alan bagy-bossanlygyň ýakymly şemaly we çagalaryň şadyýan gülki sesleri tomus paslynyň iň gözel pursatlaryndan we ýurdumyzda tomusky dynç alyş möwsüminiň dowam edýändiginden habar berýär. Häzirki wagtda eziz Diýarymyzyň iň ajaýyp, gözel künjeklerinde ýerleşýän çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde bagtyýarlykda çagalaryň dynç alyş möwsümi gyzgalaňly dowam edýär.

Merkezde ähli amatlyklary bolan otaglar, suwa düşülýän ýapyk howuzlar, sport meýdançalary, naharhana çagalaryň hyzmatynda. Çagalaryň bu merkeze gelen ilkinji güni olar üçin Türkmenabat şäheriniň gözel ýerlerine awtobusly gezelenç hem guraldy.

«Bagtyýarlyk» çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde möwsüme taýýarlyk işleriniň aýratyn guramaçylykly ýola goýlandygyny bellemek bolar. Bu sapaly mekanda çagalaryň öz ukyplaryny we zehinlerini ösdürmek üçin dürli gurnaklara hem işjeň gatnaşýarlar. Surat çekmek, el işleri, kompýuter sowatlylygy we daşary ýurt dilleri boýunça geçirilýän çäreler olaryň aň-bilim dünýäsini baýlaşdyrsa, suwda ýüzmek, futbol, woleýbol, küşt we şaşka ýaly dürli sport bäsleşikleri çagalaryň sagdyn, ruhubelent bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär. Şonuň bilen bir wagtda, sungat ussatlarynyň gatnaşmagyndaky dabaraly konsertler, teatrlaşdyrylan çykyşlar we zehinli çagalaryň özara bäsleşikleri her günüň hakyky baýramçylyga öwrülmegini üpjün edýär.

Tomusky dynç alyş möwsüminiň esasy maksatlarynyň biri hem çagalaryň saglygyny berkitmekden ybaratdyr. Arassa, sergin howa, gözel tebigat, ýokary hilli we witaminlere baý bolan tagamlar, döwrebap sport meýdançalary hem-de suw toplumlary çagalaryň beden taýdan taplanmagyna we durnukly ösmegine kömek edýär. Ýüzleri şatlyk, kalplary buýsançdan doly bagtyýar çagalar bu ýerde täze dost tutunýarlar, bilelikde oýnaýarlar, öwrenýärler we geljekde has-da yhlasly hem-de ruhubelent okamaklaryna güýç-kuwwat toplaýarlar.

Çagalar dynç almaklary, dürli ugurlar boýunça zehinlerini ýüze çykarmaklary, zähmet endiklerini kemala getirmekleri üçin ähli şertler döredilipdir.

Bu ýerde çagalaryň her bir güni diýseň gyzykly hem-de täsirli pursatlara baý bolup, olar diňe bir dynç alman, eýsem,

**Leýla EREŞOWA,**
**Dänew etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň mugallymy.**

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda

# TAPLAMA ÇÄRELERI

## GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILÝÄR

Mekdebe çenli çagalar edaralarynda möwsüme görä iş geçirmek örän jogapkärli ýagdaýdyr. Çaga terbiýeleýän terbiýeçi geljekdäki şahsyýeti kemala getirip başlaýar. Her bir ata-ene perzendini edepli, tertipli, watansöýüji edip ýetişdirmek üçin çagalar bagyna berýär. Maksadalaýyk terbiýe, sowat öwretmek terbiýeçiniň hünär-bilim taýýarlygyna, häzirki döwürde ýaş hünärmenlerimiziň öňünde duran jogapkärli wezipä düşünişine baglydyr. Her bir çaga terbiýeçä görelde alarlyk nusga hökmünde garaýar. Häzirki wagtda bolsa mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsümi bilen bagly çärelere aýratyn üns berilýär. Bu möwsüm çagalaryň iň halaýan, garaşýan möwsümleriniň biridir.





Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde mekdebe çenli çagalar edaralaryna gatnaýan körpeler bilen taplama, gyzyklanma, göwnaçma çäreleri geçirilýär. Çagalar edaralarynda taplama çäreleri üçin toparlara niýetlenen meýdançalar göz öňünde tutulýar. Ol ýerde çagalaryň özbaşdak hereketli oýunlary oýnamagy, taplanmagy üçin mümkinçilikler döredilýär. Tomus sagaldyş möwsüminde meýilnamalaşdyrylýan gyzyklanma, göwnaçma çäreleri — bäsleşikler, gezelençler, sport ýaryşlary, türkmen milli oýunlary, aýdym-sazly çykyşlar guralýar, ertekilerden bölekler sahnalaşdyrylýar. Geçirilýän çäreler irki ýaşdan başlap, çaganyň bedeniniň berkemegine, hereket işjeňliginiň artmagyna, olaryň ruhubelent, şadyýan bolmagyna, ruhy taýdan sagdyn ösmeklerine, dünýägaraýşynyň giňemegine gönükdirilýär.

Tomus möwsüminde ertirki maşklar ýörite meýilnamalaşdyrylýar. Täze maşklar iki hepdelik üçin düzülýär. Ertirki maşklar üçin täze hereketler çaganyň hereketiniň ösüşi üçin hökmany sapaklarda geçirilen maşklar bilen utgaşdyrylýar. Soňra çagalar bilen taplama çäreleri gyzykly ýagdaýda geçirilýär.

Hereketli oýunlara, sport ýaryşlaryna çagalar örän işjeň gatnaşýarlar. Olary toparlara bölüp, ýaryşdyrýarys. Şonda her bir çaga öz toparynyň üstünlik gazanmagy üçin ähli başarnyklaryny görkezýär, yhlas edýär. Bu ýagdaý çagalarda agzybirlige, dostluga bolan hormatynyň artmagyny, köpçülige goşulmak we özlerini alyp barmagy öwrenmek ýaly häsiýetleri terbiýeleýär.

Ertekiler boýunça şadyýan sahna çykyşlary çagalaryň iň halaýan göwnaçmalarynyň biridir. Ýartygulak, Mämmetjan, Japbaklar we birnäçe erteki gahrymanlarynyň keşplerini ýerine ýetirmek olar üçin örän gyzykly bolup durýar. Çagalar keşpler boýunça ýat tutmaly sözlerini, goşgularyny uly höwes bilen öwrenýärler. Şeýle hem daşary ýurtlaryň çagalar edebiýatyny, iňlis we rus dilleri bilen bagly bolan sahnalary hem uly höwes bilen ýerine ýetirýärler. Çagalar öýde ata-eneleri bilen käbir gürrüňdeşliklerde hem şol ertekilerdäki çykyşlaryndan bölekleri gaýtalaýandyklaryny aýdýarlar. Bu ýagdaý körpäniň şol pursatlardan täsirlenýändigini, onuň çeper pikirleniş ukybynyň kämilleşýändigini görkezýär.

Göwnaçma çärelerinde aýdym aýdyp, tans etmegi çagalar örän gowy görýärler. Türkmen, iňlis, rus dillerindäki aýdymlar we şol aýdymlara laýyk bolan tanslary ýerine ýetirýärler.

Mekdebe çenli döwür çaganyň geljekde hemmetaraplaýyn sagdyn ösüşiniň esasy bolup durýar. Şoňa görä-de, bu döwür çaganyň akyl ýetiriş, beden, duýgy, durmuş, sözleýiş, ruhy taýdan ösmeginiň we bilesigelijiliginiň, göz öňüne getirmesiniň hem-de döredijilik ukyplarynyň ösmegi üçin wajyp döwürdir. Şonuň üçin çagalar bilen guralýan sapaklaryň, söhbetdeşlikleriň, möwsümleýin çäreleriň, gezelençleriň örän oýlanyşykly we gyzykly bolmagy zerurdyr.

**Dilber ATAMYRADOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 184-nji çagalar bagynyň terbiýeçisi.**

# KITAPHANALARDA DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş neslimiziň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn pikirli bolup ýetişmekleri ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Häzirki döwürde eziz Diýarymyzyň ähli mekdepleriniň, aýratyn hem ýokary okuw mekdepleriniň kitaphanalaryndaky ähli görnüşdäki kitaplar gory ýaşlaryň bilim derejelerini, dünýägaraýyşlaryny sanly ulgam arkaly baýlaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Şol esasda hem okuw ulgamyna köp sanly üýtgeşmeler, ýagny elektron žurnallar, elektron kitaphanalar, elektron usulyýet sapaklary girizilip, sanly ulgama aýratyn üns berilýär.

Internet ulgamynyň ösmegi bilen mekdep okuwçylaryna, aýratyn hem, talyp ýaşlara elektron kitaphananyň elýeterli bolmagy, olaryň özlerine gerekli bolan ähli kitaplary, maglumatlary, täze neşirleri, makalalary, resminamalary elektron görnüşde gyzyklanyp okamaklaryna itergi berdi. Elektron kitaphanalaryň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, gerek bolan kitaplary okamakda amatlylygydyr. Mundan başga-da, medeni mirasyň, medeniýetiň, geçmişiň ýadygärligi hökmünde görülýän kitaphanalar iň köp ünsi çekýän ýerleriň biri hasaplanýar. Häzirki wagtda ýazgylar, saklanyp galan arhiwler, edebi miras sanly ulgama geçirilmek bilen, kitaphanalar ýurdumyzyň baý taryhyny, medeniýetini, ylym-bilim derejesini görkezýän esasy ojaklaryň biridir. Eziz Diýarymyzyň esasy medeniýet ojaklary hem-de syýahatçylyk ýerleriniň biri hasaplanýan kitaphanalar diňe bir gorlaryndaky gymmatly eserler bilen tapawutlanman, binagärlik aýratynlyklary babatda-da ünsi özüne çekýär. Häzirki wagtda kitaphanalar taryhy, medeni mirasy boýunça hem tapawutlanýar.

**Sülgün ÖDEBAÝEWA,**
**Türkmen Döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.**



# TERBIÝE — DURMUŞYŇ BEZEGI

**Terbiýe köp ugurlary öz içine alýar. Watançylyk, zähmetsöýerlik, ekologik, ulyny sylamak, kiçini söýmek, köpçülik ýerlerinde özüňi medeniýetli alyp barmak ýaly terbiýäniň birnäçe görnüşleri biziň durmuşymyzyň bezegi bolup durýar. Terbiýäniň bu görnüşlerini özünde jemleýän perzent bolsa maşgalanyň we jemgyýetiň bezegidir. Ata-babalarymyz perzentlerine bilim-ylym öwretmek bilen bir hatarda, terbiýe bermegi hem başarypdyrlar. Diňe «eýle bol, beýle bol» diýmek arkaly däl-de, durmuş tejribelerinden amal bolan, gysga jümlelerde çuňňur many jemlenen nakyllaryň, rowaýatlaryň üsti bilen terbiýeläpdirler.**

«Ylym-bilim ýagtylyk, edep-terbiýe hazyna» diýýän ata-babalarymyz terbiýäni hazyna deňemek bilen, onuň uly gymmatlykdygyna ünsi çekipdirler. Gymmatly zatlar bolsa diňe yhlas bilen gazanylýandyr. Gowy netije gazanmak üçin tutanýerli, ruhubelent bolmak gerek. Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly ajaýyp kitabynda terbiýe barada örän manyly jümleler bar. «Beýikligiň, bagtyýarlygyň gözbaşynda terbiýe bar. Ýagşy häsiýetler ynsanyň özüni, ýagşy amallar bolsa onuň ömrüni bezeýär». Ynsanyň durmuşdaky ornuny tapmakda terbiýäniň örän uly gymmatlykdygyny äşgär edýän bu jümleler örän täsirli.

Watanymyzyň geljegi bolan zehinli ýaşlaryň öz saýlap alan kärlerinde tutanýerlilik bilen zähmet çekmegi hökmandyr. Ýaş nesliň her biriniň özüne bildirilýän ynama jogap edip, zähmetsöýer, ruhubelent, maksada okgunly bolup ýetişmegi üçin döwletimiz tarapyndan uly tagallalar edilýär. Ynamyň bar ýerinde bolsa, yhlasly zähmet öz netijesini görkezýär. Elbetde, bedew bady bilen ösýän, özgerýän Watanymyzda nesil terbiýesine aýratyn üns berilýär. Ýaşlar biziň geljegimiz, Watanymyzyň daýanjy. Ýaş nesilde ulyny sylamak, tutanýerli bolmak, berk bedenli, sagdyn ýaşamak endiklerini terbiýelemek bolsa, biz — mugallymlaryň paýyna düşýär. Biz hem Watana wepaly, ruhubelent, bilimli, terbiýeli, ilhalar nesli terbiýelemekde öz yhlasymyzy gaýgyrman zähmet çekeris.

**Seýit BÄŞIMOW,**
**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

# TERJIMÄNIŇ ÄHMIÝETI

Häzirki ajaýyp döwrümizde dünýä dillerini öwrenmek asylly ýörelgä öwrüldi. Şeýlelikde, daşary ýurt dilindäki ylmy we çeper eserleri ene dilimize terjime etmek mümkinçiligi has-da artýar. Ylmy we çeper tekstleriň şowly terjimesi terjimeçiniň dilleri nähili derejede kämil bilýändigini, söz baýlygynyň möçberini, dil kadalaryny nähili özleşdirýändigini, dünýägaraýşyny okyjynyň öňünde açyp goýýar. Şowly terjime okyjyda hemişe uly gyzyklanma döredip, düşünjesini artdyrýar. Terjimede çeper tekstiň terjimesi has çynlakaý çemeleşmäni, yzygiderli zähmet çekmegi talap edýär. Terjime edilýän eseriň mazmunyny we çeperçiligini bolşy ýaly açyp görkezmek hem terjimeçiniň ussatlygyna baglydyr.



Terjime dürli dilde gepleýän adamlaryň arasyndaky gepleşigi düşündirmek mümkinçiligini döretmek bolup durýar. Onuň esasy meselesi asyl nusganyň mazmunyny beýleki diliň serişdeleri bilen takyk beýan etmekden ybarat bolýar. Terjimeçilik örän kyn işdir. Sebäbi ýokary hilli terjime diňe bir dil bilmegi däl-de, eýsem, terjimeçiden belli bir başarnyklaryň we endikleriň bolmagyny talap edýär. Dogry terjime etmek üçin terjime edilýän sözleri diňe bir sözler toplumy we grammatik gurluşlar hökmünde däl-de, eýsem, olaryň dildäki ýerine ýetirýän hyzmatyna düşünmek üçin asyl nusganyň derňewini geçirmeli. Şeýle-de terjime edilýän pursadynda döräp biljek terjimeçilik meselelerini görmek we çözmek wajypdyr. Dile we söze ussat bolan terjimeçi kämil terjime eserini döredip biler. Ýene-de bir bellemeli zat, terjime edilen eseriň mazmuny-da kämil bolmalydyr. Sözleriň we mazmunyň kämil terjimesi eseriň täze dildäki şowly beýanydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşine siňen milli medeniýetini, sungatyny, dilini, edebiýatyny, taryhyny ylmy esasda öwrenmäge giň mümkinçilikler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde ýazyjy-şahyrlarymyzyň, alymlarymyzyň ýazan işleri ylmy taýdan öwrenilýär. Şeýle hem dünýä edebiýatynyň nusgalary türkmen diline terjime edilýär. Munuň özi halklaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýardam berýär.

**Maral ALLABERDIÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň mugallymy.**

Saglyk — baş baýlyk

# SAGLYK ÜÇIN PEÝDALY MASLAHATLAR



- Tomus paslynda çagalara we gartaşan adamlara ir säher bilen 06:00-dan — 09:00-a çenli, öýlän bolsa sagat 18:00-dan — 21:00-a çenli gezelenç etmek maslahat berilýär.
- Pasla görä geýinmeli we Gün urmadan we onuň ýiti şöhlesinden goranmak üçin başgap geýmeli, ýaglyk örtünmeli, saýawanlary ulanmaly. Ýeterlik mukdarda agyz suwy ýanyňda bolmaly.
- Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň tämizligini gazanmaly.
- Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Gök önümleri ýeterlik mukdarda iýmeli.
- Iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk talaplaryny doly berjaý etmeli. Miweleri, gök önümleri söwda merkezlerinden, ak bazarlardan satyn almaly.
- Aşa ýagly, agyr naharlary, şöhlat önümlerini, gaplanan iýmit önümlerini ürç edip iýmekden saklanmaly. Gerekli mukdarda 1,5-2 litrden az bolmadyk arassa agyz suwuny içmeli.
- Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplarynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhemlik çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.
- Gan basyşyňyzy we ganyň düzümindäki süýjini elmydama gözegçilikde saklamaly. Lukmanyň beren bejergisini talabalaýyk ýerine ýetirmeli.
- Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglaşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzdaky şypahanalarda dynç almaly.

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.**

Ýangyndan ägä boluň!

# ABADANÇYLYGYŇ GÖZBAŞY






Tomus paslynda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi wajyp bolup durýar. Şu wajyp wezipeden ugur alyp, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy öz maslahatlary bilen raýatlarymyza ýüzlenýär.

Elektrik geçirijileriň daşky örtükleriniň, birikýän ýerleriniň, elektrik nokatlarynyň iş ýagdaýynyň dogrudygy kärhananyň hünärmeni tarapyndan ýörite enjamlar arkaly barlanmaly. Elektrik enjamlaryna gözegçilik edilende, ýüze çykarylan kemçilikler we görlen çäreler ýörite kitapda bellenmeli. Ammarlarda iýmit taýýarlamak üçin elektrik akymy arkaly gyzdyryjy enjamlary ulanmak ýa-da şol maksatlar üçin elektrik birikdirijileri gurnamak gadagan edilýär. Halas ediş çykalgalarynyň sany kadalaşdyryjy düzgünnama esasynda kesgitlenýär, ol iki çykalgadan az bolmaly däldir. Ýangyn hadysasy ýüze çykan halatynda, telefon arkaly 01, öýjükli ykjam telefonyndan 001 belgä jaň edip, habar bermeli.

Hormatly ildeşler, ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplaryny öz wagtynda doly we dogry ýerine ýetirmegiňiz, ilkinji nobatda, saglygyňyzyň, emläkleriňiziň ýangyn howpundan goralmagynyň esasy şertidigini unutmaň!



**Selim KELTÄÝEW,**
**Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 103-nji Harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň uly gözegçisi, içerki gullugyň uly leýtenanty.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-119021

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.